# Arzuw hem umyt / goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Arzuw hem umyt / goşgular ■ **Mugallym**
*(Gurbangeldi Baýramowa)*

Mekdep küýsedim men, dişlerim düşdi.
Gaşyňa ahyry geldim, mugallym!
Durmuş kanunlary ýatladýar küşti,
Sen durmuş ýoluna saldyň, mugallym!

Ikinji enemdiň, ikinji atam,
Adam etjek bolup, geçirdiň hatam,
Her günde on salam ýa on bäş salam,
Bersemem, säginmän aldyň, mugallym!

Salamy, sowady öwrendim senden,
Şu güni, owaly öwrendim senden.
Söýdüm, ýigrenenmi ýigrendim çenden,
Kän zat aldym senden, aldym, mugallym!

Beren öwütleriň derman ekeni,
Çäkden çykmazlygma perman ekeni,
Muny körpejekäm bilmän ekenim,
Bilemsoň «sandygma» saldym, mugallym!

■ **Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda**

Burnuň gül ysyny alar elmydam,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.
Derdiňi duşaklap, daňar elmydam,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Iýeniň-içeniň siňer iniňe,
Iliň saňa söýeg, senem iliňe,
Kuwwatdyr garraňda gowşan biliňe,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Dünýäň durlanybir, durmuşyň süýjär,
Ýaşaýşa höwesiň gün-günden güýjär,
Göwnüň agtyk, çowluk, ýuwlugam küýsär,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Sylar seni, hormat goýar maşgalaň,
Sensiň onsoň maşgalaňda baş gala,
Ähli kynçylyklar ugrun, başgalar,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Ile ogluň-gelniň ýetirse peýda,
Giňeler göwünler göýä giň meýdan,
Ters geýer telpegni tüýs tersa şeýtan,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Gelniň meňzi meňzäp barýandyr Aýa,
Bal bary gatylar nahara-çaýa,
Gözlemersiň asyl özge bir saýa,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

Ogluň ganatyňdyr, sen uçsaň-gonsaň.
Gelniň zynatyňdyr, sen uçsaň-gonsaň,
Bäş günlük ýalançam uçmahdyr onsoň,
Ogluň ogul, gelniň gelin bolanda.

## ■ Gyzlara

*(Degişme)*

Gyzlaň gözlerine gözlerim gidýär,
Kä gijeler irkilemok, pallamok.
Ana, şonda bütin dünýä meniňki,
Göwnüme bolmasa, göwnüm aldanok.

Gyzlaň gözelligne gözlerim gidýär,
Gyzlaň näzi göz öňümden gidenok.
Göwnüm ýetýär dünýäň gözel gyzlarna,
Arman, dünýä gyzlaň göwni ýetenok.

## ■ Arzuw hem umyt

Aslynda, arzuwa aňsat ýetme ýok,
Sen hüjüm edýänsiň, ol gaçyp barýar.
Arzuwdan, umytdan dogulýar gaýrat,
Damardan ýürege gan bolup urýar.

Arzuwlarmy ýene asýan asmandan,
Daňýan umydymy biline gylyň.
Uçup barýar umyt barha ahmallap,
Üzülmän gonsa bor gursagna gülüň.

Üzülse üzülsin, goý, gursakda ol,
Hupbatly umytlar süýji bolarmyş.
Aňsadyny aňtap ýetilen arzuw,
Ir-ä saralarmyş, irem solarmyş.

## ■ Söýgi dörtlemeleri

Sagadym, gygyrdyň, ýerimden galdym,
Salmasyz söwdany serimden saldyň.
Ajyja ses bilen hüjüm etdiň-de,
Süýjüje düýşümi elimden aldyň.

* * *

Ýokkaň gussam ýakýar, ýykaýjak bolýar,
Suratyňa bakýan, çydaýjak bolýan.
Görgürje göz bilen seredip senem,
Suratyňdan böküp çykaýjak bolýaň.

* * *

Bir gün buzly köýnek geýip ýörün men,
Bir gün közlüsinde köýüp ýörün men.
Iliň ýiti gözi sende bolsa-da,
Ile ýetirmänjik söýüp ýörün men.

* * *

Betbagtlyk garasyn görmegin, läläm!
Bagt bagynda ösgün, örňegin, läläm!

Setirlerme salandyryn ýüregmi,
Gursagymdan gözläp ýörmegin, läläm!

* * *

Senden süýji başga baýlyk ýok maňa,
Senden süýji başga barlyk ýok maňa.
Bir özüňe däli-porhan edäýýäň,
Şondan süýji başagaýlyk ýok maňa.

* * *

Gözüňdäki oklar diýseň hatarly,
Atylmak howpy hem juda gataldy.
Aýaňda bökýänem ýürejigimdir,
Gyssaň mynjyrarly, açsaň gaçarly.

* * *

Yşkyň heserinden heserläp barýan,
Hesermem hekgerýär, ýeserläp barýar.
Dert bary dep bolýar duşsa tebibi,
Tebibim – sen, duşsaň beterläp barýan.

* * *

Öz islegme ýagşy ýaňa ýetdim men,
Öz islegme ýagty daňa ýetdim men.
Hasam ýagty daňa ýetme bar eken,
Seň islegiň bilen saňa ýetdim men.

* * *

Sowlar ýazyň-tomsuň, güýzärsiň bir gün,
Göwni ýatlamada güýmärsiň bir gün.
Ýadyňda ýok bolsam, ýoklugym däldir,
Kalbyňda bardyryn, küýsärsiň bir gün.

* * *

Nusgasy sen ýüpek ýaly gülleriň.

Örteseňem, örtäbergin günde müň.
Başa düşýän kynçylygy ölçemen,
Hasapda bor bagtly ýaşan günlerim.

* * *

Gelmelimi, gönimizden gelmeli,
Gözlemänjik göni tapdyň sen meni.
Gowşak ýermi tapyşyň-a tüýs täsin,
Nädip bildiň meni söýüp ýeňmegi?!

* * *

Bakman günüň giçdigne ýa irdigne,
Peýkerleriň ýürejigne girdim men.
Bir ýüregmi ýüz peýkere paýlamsoň,
Bagrym bilen berläýdim-dä birjigne.

* * *

Syrly gürleşäýmegmiz,
Syrsyz gürleşäýmegmiz
Ýetdi, ýetmän galan zat
Diňe birleşäýmegmiz.

## ■ Söýgi ikilemeleri

Şu gün göwün berdiň öýländen başlap,
Işimem ýok indi söýmämden başga.

* * *

Bagtam bagty çüwse işlär, dilberim,
Giçden soň gelseňem, giç däl, dilberim!

* * *

Bagta elimizi ýetirelimi?!
Bile ýetireli, getir eliňi!

* * *

Arzuw edenimde, bir özüm etdim,
Oňa ýetenimde, seň bilen ýetdim.

* * *

Ezraýyl gyňralsa, jan alşy çökder,
Söýüp janym alýaň, sen ondan ökde.

* * *

Söýsem-ä serhoş men, söýülsem – däli,
Berilmändir maňa sag gezmäň täri.

Öwezdurdy TEJENOW. Goşgular